# PYGAMBERIŇ NAMAZ OKAÝŞY



Şeýh Alläme Abdulazyz bin Bäz (Rahymahullah)

Tejime: Türkmen halk ogly

# PYGAMBERIŇ NAMAZ OKAÝŞY

Awtor: Şeýh Alläme Abdulaziz bin Bäz

Ikinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

Öwgi-senalar ýeke bolan Allaha mahsus, (Allahdan) öwgi we salamat guly we Resuly bolan Muhammet pygamberimize, maşgalasyna we ýoldaşlaryna bolsun.

Soňra:

Bu gysga kitapça Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) nähili namaz okany barada açyklama bolup, her bir musulman erkege we musulman zenana hödürlemek isledim. Her bir muny okan Pygamberi namazynda onuň: "**Namazy meniň okanymy göreniňiz ýaly kylyň**"(1) diýip aýdyşy ýaly görelde tutunmaklary üçin ýazdym.

1-Gowy edip täret almak. Bu bolsa, Allahyň Kuran buýruşy ýaly täret almak: **"Eý, iman getirenler! Namaz (okamak) üçin turanyňyzda, ýüzleriňizi we tirsekleriňize çenli elleriňizi ýuwuň, başlaryňyza mesh ediň we iki topuklaryňyza çenli aýaklaryňyzy ýuwuň!"** (Maide 6)

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**"Täretsiz namaz kabul edilmez"**(2)

---

(1) Buhary
(2) Muslim

# Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) täret alyşy ýaly täret almak.

1.1- Täret almak, bu Allahyň Kuranda buýrany ýaly tertipde belli beden agzalaryny ýuwmak we käbirini arassa suw bilen sürtmek, bularam Allahyň Kuranda buýrany ýaly tertipde we Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) sünnetde açyklaýşy ýaly bolmaly.

Allah Tagala aýtdy:

**“Eý, iman getirenler! Namaz (okamak) üçin turanyňyzda, ýüzleriňizi we tirsekleriňize çenli elleriňizi ýuwuň, başlaryňyza mesh ediň we iki topuklaryňyza çenli aýaklaryňyzy ýuwuň!”** (Maide 6)

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Hiç biriňiziň namazy kabul edilmez, egerde täreti pozulsa tä täret alýança”** (Buhary we Muslim)

1.2-Egerde täret almaga tursaň, ýüregiňe täret almagy düw, takyk amallar diňe niýetlere baglydyr(1), niýetiňi diliň bilen aýtma, sebäbi ol pygamberiň sünnetinden (eden zadyndan) däl.

1.3-Soňra “Bismilläh” "بِسْمِ اللَّهِ" diý, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

**“Allahyň adyny agzamadygyň täreti ýokdur”** (Ahmet, Ebu Dawud, Ibn Mäje we başgalar)

1.4- Soňra iki eliňi ýuw(2) .

1.5-Soňra sag eliňe suw alyp, şo bir suw bilen hem agzyňy çaýka hem burnuňy ýuw(3). Rozada bolmasaň gowy aňyrlary bilen çaýka we ýuw(4), soňra burnuňa alan suwuňy çep eliň bilen sümgürde çykar(5).

1.6-Soňra ýüzüňi ýuw(6) we sakalyň aralaryna öl barmaklaryňy gezdir(7).

1.7-Soňra tirsekleriňize çenli elleriňizi ýuwuň(8)

---

(1) (Buhary we Muslim)
(2) (Buhary we Muslim)
(3) (Buhary we Muslim)
(4) (Ahmet we Ashabus-Sunen)
(5) (Buhary we Muslim)
(6) (Buhary we Muslim)
(7) (Sahyh Sunen Ebi Dawud, Tirmizi we Ibn Mäje)
(8) (Buhary)

1.8-Soňra elleriňizi ölläp kelläňi saçlaryň başlaýan ýerinden başlap ýeňsä saçlaryň gutarýan ýerine deňeç ähli ýerine sürtüň we elleriňizi yzyna saçlaryň başlaýan ýerine deňeç dolandyryň[1].

1.9-Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) bokurdagy ýuwany ýada mesi edeni barada sahyh hadys gelmedi. (Ýagny ýuwma)

1.10- Soňra gulaklaryňy elleri ölläk içini daşyny arassala[2].

1.11-Soňra (topuklaryňa deňeç) aýaklaryňy ýuw[3] we barmaklaryň arasynam gowy suw barar ýaly edip ýuw[4].

Egerde aýagyňa täretli wagtyň mesi ýada jorap geýen bolsaň, täret alanyňda saparda bolmadyk wagtlaryň bir gije gündiziň dowamynda aýaklary ýuwman, mesiniň ýada jorabyň üstüne mesi çekip bilersiň we saparda wagtyň 3 gije-gündizläp mesi çekip bilersiň[5]. Emma gusul bolsaň hökman çykaryp ähli bedeniňi ýuwmaly bolarsyň[6].

Mesä we sellä mesi çekmek Buharyda we Muslimde sahyh hadys gelendir we başatgyja bolsa Muslimde sahyh hadys gelendir.

1.12-Täreti Allah Talagalanyň Kuranda we Resulynyň sünnetde goýuşy ýaly tertipli al we aralaryna uzak wagt salman dowamatly al.

1.13-Sag bilen başla, sebäbi Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) täret alanynda, aýak gap geýeninde, saçyny daranda we beýleki işlerinde sagyndan başlamagy halan[7].

1.14-Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) täret alanyndan bir gezekden, iki gezekden we üç gezekden ýuwanlygy gelendir[8]. Üç gezekden artyk ýuwmak, teýim edende we kellä ýada aýakgaba mesi çekende bir gezekden artyk çekmek halanylmaz (mekruh), sebäbi Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýoluna garşy gelýändir, Allah Talagala bolsa:

**“Onuň (pygamberiň) emrine garşy gelýänler özbaşlaryna bir belanyň ýa-da jebir-jepaly azabyň gelmeginden gorksunlar.”** diýendir. (Furkan 63)

(1) (Buhary we Muslim)
(2) (Sunenut-Tirmizi we Ibn Mäje)
(3) (Buhary we Muslim)
(4) (Ebu Dawud, Tirmizi we Ibn Mäje)
(5) (Muslim)
(6) (Buhary we Muslim)
(7) (Buhary we Muslim)
(8) (Buhary)

1.15-Täreti dynanyňdan soňra:

“Eşhedu ellä ilähe illallahu wehdehu lä şerikelehu we eşhedu enne Muhammeden abduhu we Resuluh”[(1)] we “Allahumme ij-alnyy minet-tewwäbiine we minel-mutotohhiriin”[(2)] diý[(3)].

1.16-Täret alynmazyndan ozal synja[(4)] alynmaklyk geregi ýok, egerde uly meýdan, kiçi meýdan etmedik bolsa ýada owrat ýerleriň birinden damja we başga zat gelmedik bolsa.

1.17-(Egerde uly ýada kiçi meýdan etseň) suw bilen ýada 3 sany daş ýa kagyz, ýa esgi bilen arassalan. Suw bolan ýagdaýyndada daş, esgi ýada kagyz bilen arassalanmak suw bilen ýuwmagyň ýerini tutýandyr.

1.18-(Täret alanyňy anyk bilsen) täretiň pozulanyna şek etseň, täret almak zerur däl, tä anyk täretiňi bozanyňy bilýänçäň[(5)].

1.19-(Eger gusul almakçy bolsaň) täret bilen gusuly birlikde aşakda gelşi ýaly al:

Iki eliňi we owrat (hapa) ýeriňi ýuw, soňra namaza täret alşyň ýaly täret al (Buharynyň köp rowaýatynda gelşi ýaly täretiň soňunda diňe iki aýagyňy ýuwma), soňra kelledäki saçlaryň düýplerine suw elt we üstünden suw guý, soňra bedeniň ähli ýerine suw guýda ýuw, iň soňunda başga (arassa) ýerde (üstüne suw syçramaz ýaly edip) iki aýagyňy ýuw[(6)].

1.20-Suw tapylmadyk halynda teýim etmeklik täretiň we gusulyň ornuny tutýar[(7)].

Allah Tagala aýtdy:

**“Eý, iman getirenler! Namaz (okamak) üçin turanyňyzda, ýüzleriňizi we tirsekleriňize çenli elleriňizi ýuwuň, başlaryňyza mesh ediň we iki topuklaryňyza çenli aýaklaryňyzy ýuwuň! Eger ini hapa bolsaňyz, (gowy edip) ýuwnuň! Eger hassa ýa-da ýolagçy bolsaňyz, ýa-da siziň biriňiz aýak ýolundan gelen bolsa, ýa-da siz aýallaryňyza ýanaşan bolsaňyz we (ýuwnar ýaly) suw tapmasaňyz, päk toprak bilen**

---

(1) Manysy: Şärigi bolmadyk Ýeketak Allahdan başga ybadata hakly hiç bir ilähiň ýokdygyna we Muhammedem Onuň guly we Resulydygyna şaýatlyk edýärin.
(2) Manysy: Eý, Allah! Meni toba edýänlerden we arassa-päklerden et”
(3) (Muslim we Tirmizi)
(4) (Buhary we Muslim)
(5) (Buhary we Muslim)
(6) (Buhary we Muslim)
(7)(Buhary we Muslim)

**teýemmum (teýim) ediň! (Ýagny) ýüzleriňize we (iki tirsegiňize çenli) elleriňize mesh ediň!”(1)**

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

“10 ýyllap suw tapmasa-da, päk toprak (ybadatlar üçin) musulmana arassalanmaga ýeterliklidir.”(2)

2-Namaz okajak nirede bolsa-da doly bedeni bilen, namazlaryň parzynymy ýa neflinimi haýsysyny okajak bolsa, şo namazy okamak maksady bilen dili bilen niýetini aýtman kybla bakmaly, ýagny Käbä bakmaly. Sebäbi niýeti dil bilen aýtmak dinde edilýän zat däl, gaýtam pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) we ýoldaşlarynyň niýeti diller bilen aýtmandygy üçin bidgat bolýar. Ymamyň we ýeke okaýanyň öňünde sutro(3) goýmaklary gowy.

3-Sežde etjek ýeriňe sereden halyňda: “Allahu ekber” diý, ýagny yhrom tekbirini(4) aýt.

4-Tekbir aýdanyňda iki eliňi gulagyň deňesine ýa egniň deňesine çenli galdyr.

5-Eliňi döşüň üstünde, sag eliňi çep eliň penjesinde ýa goşarynda ýa bilek bilen goşaryn aralygynda goý, sebäbi bularyň ählisi pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) säbit bolan.

6-Soňra istiftäh dogasyny okamak sogaply. Olardan:

A: “Subhaneke Allahumme webihamdike we tebärokesmuke we te-ala jedduke we lä ilähe goýruk”

B: “Allahumme bä-yd beýni we beýne hotoýäýe kemä bä-adte beýnel-meşryky wel-magryb. Allahumme nakkynyy min hotoýäýe kemä ýunakkos-sewbul-ebýez minel-denes. Allahumme ygsilni min hotoýäýe bilmäi welselji welberdi”

Şu iki doganyň islendigini okap biler, ikisi hem Pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) säbit bolan dogalardan.

Has gowusy bolsa, käte birini okamak we käte beýlekisini okamak, sebäbi beýle etmek sünnete eýermekligiň doly görnüşi. Soňra bolsa: “euzu billähi mineş-şeýtonir-rojiim, bismillähirrohmänirrohyym) diýsin

---

(1) (Maide 6)
(2) (Sahyh Tirmizi we Sahyh Ebu Dawud)
(3) Sutro- ýagny tirsek uzynlykda dikeldip namaz okaýan öňüde goýýan zady.
(4) Yhrom tekbiri yagny namaza başlajak bolanyňda “Allahu ekber” diýmek,

we Fatyhy surasyny[1] okasyn. Sebäbi pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): “Kitaby açyjyny (Fatyha surany) okamadygyň namazy ýokdur” diýen sözi bardyr.

Soňra Kurandan başardygyny okasyn, öýle, ikindi we ýassy namazlarynda Kof sura bilen Näs suralary arasyndakylardan okamak has gowusy, erte we agşam namazlarynda bolsa käte uzyn, käte gysga suralardan okamak has gowusy.

7-Soňra ellerini gulagyna ýada iki egnine galdyryp “Allahu ekber” diýip rukug etmeli, rukug bolsa iki elini dyzlarynyň üstünde barmaklarynyň arasy açyk halda goýup, kelle arka bilen deň tekiz halda saklamak (ýagny ne aşak, nede ýokaryk galman), soňra arkaýyn howlukman rukugda: “Subhane Robbil-azyym” diýmek, has gowusy 3 ýada ondanam köp gezek gaýtalap diýmek. Şolar bilen: “Subhaneke Allahumme webihamdike, Allahumme igfirlii” diýmek hem sogaply.

8-Soňra iki elini gulaklarynyň ýada eginleriniň ýanyna hem galdyran, hem: “Semi-Allahu limen hamideh”[2] diýen halda dikelmeli. Dik duran halynda: “Robbenä welekelhamd[3] hamden kesiron toýýiben mubäroken fihi mil-issemäwäti we mil-il-arzy we mil-imä beýnehumä we mil-imä şi-te min şeý-in bagdu” diýmeli, yzyndan: “ählis-senäi wel-mejdi we ahakku mäkolel-abdu we kullunä lekel-abd, Allahumme lä mäniga limä agtoýte we lä mugtyýe limä megte we lä ýenfagu zäl-jeddi minkel-jedd” diýse pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) geleni üçin hasam gowy bolar.

Dikelen halynda ellerini (rukuga gitmezinden ozalky ýaly edip) döşünde goýmak sünnet, muňa bolsa Wäil bin Hajardan we Sehl bin Saddan (Razyýallahu anhumä) gelen hadyslar delildir.

9-Soňra “Allahu ekber” diýip, kyn düşmese ilki dyzlaryny ellerinden ozal ýere goýýar, kyn düşse ilki ellerini dyzlaryndan ozal goýýar we sežde edýär. Seždede hem aýak, hem el barmaklary bir-birleri bilen gysylan halda kybla tarap uzaldylmaly, seždeda burnuň üsti (manlaý bilen), iki el, iki dyz, aýak barmaklaryň iç taraplary degmelidir we “Subhane Robil-aglä” diýmegi 3 gezek ýa ondanam köp gaýtalamaly. Mundan daşary “Subhaneke Allahumme Robbenä we bihamdik” we “Allahummegfirli” diýse hasda gowy, sebäbi pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem):

---

(1) Fatyha Kuranyň Ilkinji surasynyň ady, onuň okalşy bolsa şeyle:
(2) Ymam we ýeke bolup okaýan diýmeli, emma ymamyň yzynda okaýan diýmez.
(3) şuňa deňeç aýtmak ýeter, yzyndakylary hem aýtmak sünnet.

“Rukugda Perwerdigäri tagzymlaň (beýgeldiň) we seždede bolsa köp doga etmegi gaýrat ediň, sebäbi dogaňyzyň kabul edilmegine has golaýdyr” diýendir. Perwerdigärinden parz namazy bolsun, nefil namzy bolsun tapawudy ýok, dünýä we ahyret haýryndan köp dilemeli, seždede wagty iki goluny bedeninden, garnyny butlaryndan we butlaryny bolsa injiklerinden daşlaşdyrmaly. Tirsekleri bolsa ýerden ýokarda saklamaly, sebäbi pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): “Seždede (öwredişim ýaly) göni boluň, ýeke biriňizem güjügiň (ýatanda) tirseklerini ýere goýuşy ýaly (seždede wagtyňyz) tirsegiňizi ýere goýaýmaň” diýendir.

10-Soňra kellesini “Allahu ekber” diýip galdyrmaly, çep dabanyny ýanbaşyň aşagyna goýup üstünde oturmaly we sag dabany seždedäki ýaly dikligine barmaklary aşakda halda durmaly, iki eli butlarynda we dyzlarynda goýmaly we oturan halynda “Robbigfirlii werhamnii wehdinii werzuknii we-aafinii wejburnii” diýmeli. Bu oturyşynda howlukmaly däl.

11-Soňra ikinji gezek seždä “Allahu ekber” diýip gitmeli we birinji seždede eden zatlaryny gaýtalamaly.

12-Soňra kellesini “Allahu ekber” diýip galdyrmaly we azajyk oturmaly, beýle oturmaga jelsetul-istiroha diýilýär, beýle oturmak mustahab, beýle oturmadyk halyndada zyýany ýok, beýle oturylanda zikir we doga aýdylmaýar, soňra ikinji rekagat üçin kyn düşmese dyzlaryna daýanyp dikelmeli, kyn düşse ýere (elleri bilen) daýanyp turmaly, soňra Fatyha surany okamaly, yzyndan Kurandan Fatyhadan başga bilýänini okamaly we edil birinji rekagatda bulary okanyndan soňra eden zatlaryny gaýtalamaly.

13-Egerde namaz iki rekagat namazlardan bolsa ikinji seždeden kellesini galdyranyndan soňra çep dabanynyň üstünde oturyp, sag dabanyny dik saklan halda, ellerini butlarynyň we dyzlarynyň üstünde goýmaly, çep eli açyk halda, sag elini gysyp diňe süýem barmagyny galdyryp yşarat etmeli we şo halda:

“Ettehiýýatu lillähi wes-solewätu wetoýýibät, esselämu aleýke eýýuhän-nebiýýu werahmatullahi weberokätuh, esselämu aleýnä we ala ybädillähis-solyhyyn, eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Muhammeden abduhu we Resuluh” diýmeli.

Soňra: “Allahumme solli ala Muhammedin we ala äli Muhammedin kemä solleýte ala Ibrohime we ala äli ibrohime inneke hamydum mejid.

Allahumme Bärik ala Muhammedin we ala äli Muhammedin kemä bärokte ala Ibrohime we ala äli Ibrohime inneke hamydum mejid." diýmeli.

Soňra: "Allahumme inni euzu bike min azabi jähennem we min azabyl-kabry we min fitnetil-mehýä welmemäti we min fitnetil-mesihid-dejjäl" diýmeli, soňra dünýä we ahyret haýyrlaryndan islänini diläbermeli, eger-de ene- atasyna we musulmanlara parz namazy bolsun, nefil namazy bolsun tapawudy ýok, doga etse-de zyýany ýok, soňra ilki sagyna yzyndan çepine "Esselämu aleýkum werahmatullahi weberokätuh" ýada "Esselämu aleýkum werahmatullah" diýip salam bermeli.

14-Egerde namaz 3 ýada 4 rekagatly namazlardan bolsa: "Ettehiýýatu lillähi wes-solewätu wetoýýibät, esselämu aleýke eýýuhän-nebiýýu werahmatullahi weberokätuh, esselämu aleýnä we ala ybädillähis-solyhyyn, eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Muhammeden abdugu we Resuluh" diýmeli.

Soňra: "Allahumme solli ala Muhammedin we ala äli Muhammedin kemä solleýte ala Ibrohime we ala äli ibrohime inneke hamydum mejid.

Allahumme Bärik ala Muhammedin we ala äli Muhammedin kemä bärokte ala Ibrohime we ala äli Ibrohime inneke hamydum mejid." okap, dyzlaryna daýanyp "Allahu ekber" diýip, ellerini gulaklaryna ýada eginlerine galdyryp turar, soňra ellerini döşüniň üstünde başda öwredenim ýaly goýmaly we diňe Fatyha surany okamaly, (käte öýle namazynyň 3nji we 4nji rekagatlarynda Fatyhanyň yzyna Kurandan başga aýatlary goşsa-da zyýany ýok), soňra başda öwredişim ýaly etmeli. Egerde 3 rekagatly namaz bolsa, oturan ýerinde iki rekagatly namazlarda iň soňundan okamaly teşşehhud, solawatlary we dogalary okap salam bermeli, egerde 4 rekagatly namazlardan bolsa, 4nji rekagata turup ýene diňe Fatyhany okap regakaty doly okamaly başdaky öwredişim ýaly we salam bermeli. Namazy dynanyndan soňra 3 gezek "estagfirullah" diýip gaýtalamaly, soňra "Allahumme entes-selämun we minkes-Seläm, tebärokte ýä zel-jelälu welikrom" diýmeli, egerde ymam bolsa adamlara tarap bakmaly. Ymam bolup okan we ýeke özi okan "Lä ilähe ilallahu wehedehu lä şerikelehu, lehil-mulku welehul-hamdu wehuwe ala kulli şeý-in kodyr, Allahumme lä mäniga limä agtoýte, welä mugtyýe limä menagte welä ýenfagu zel-jeddi minkel-jedd, lä hawle welä kuwwete illä billäh, lä ilähe ilallah welä nagbudu illä iýýäh, lehul-nygmetu welehul-fazl, welehus-senäul-hasan, lä ilähe ilällah muhlisyyne lehud-din welew kerihel-käfiruun" diýmeli.

Soňra 33 gezek “Subhanallah”, 33 gezek “Alhamdulillah”, 33 gezek “Allahu ekber” diýip, yzyndan: “Lä ilähe ilallahu wehedehu lä şerikelehu, lehil-mulku welehul-hamdu wehuwe ala kulli şeý-in kodyr” diýmeli, yzyndan aýat-kursini okamaly. Yhlas, felek we nas suralaryny erte bilen agşam namazlaryndan başgasynda 1 gezekden okamak mustahab, erte bilen agşam namazlarynda bolsa 3 gezek gaýtalamak mustahabdyr. Bu zikirleriň ählisi sünnetdir, parz däldir we bular Pygamberimiziň (Sallallahu aleýhi we sellem) edeni barda hadyslar gelendir.

Namazlaryň rekatlary,

Erte namazy ilki 2 rekagat sünnet, soňra 2 rekagat parz.

Öýle namazy ilki 4 rekagat sünnet, yzyndan 4 rekagat parz, soňra 2 rekagat sünnet.

Ikindi namazy 4 rekagat parz.

Agşam namazy 3 rekagat parz,a soňra 2 rekagat sünnet.

Ýassy namazy 4 rekagat parz, soňra 2 rekagat sünnet we 3 rekagat witir.

Bu namazlaryň sünnetlerine rowatyp diýip atlandyrylýar, rowatyblaryň jemi 12 rekagat bolar, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) bulary saparda bolmadyk halynda dowamatly taşlaman okapdyr, emma saparda wagty erte namazynyň 2 rekagat sünneti we witirden galan sünnet namazlaryny okamandyr.

Sünnet namazlary we witir namazy has gowusy öýde okalmagy, egerde metjide okasa-da zyýany ýok, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Kişiniň parzdan başga has gowy namazy öýünde okan namazydyr”

Bu rowatyb namazlaryny dowamatly okamak Jennete girmekligiň bir sebäplerinden, pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Kim bir gije gündiziň dowamynda parz namazlaryndan daşary 12 rekagat namaz okasa, Allah oňa Jennetde öý gurar”

(Käte) ikindi namazynyň parzyndan ozal 4 rekagat sünnet, agşam namazynyň parzyndan ozal 2 rekagat sünnet we ýassy namazynyň parzyndan ozal 2 rekagat sünnet goşsa gowy. Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) beýle edenine dogry delil bar.

صلى الله وسلم على نبينا محمد بن عبد الله وعلى آليه وأصحابه وأتباعه بإحسان إلى يوم الدين